Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ESASY MAKSADYMYZ EZIZ WATANYMYZY BEÝIK GELJEGE TARAP YNAMLY ÖŇE ALYP BARMAKDAN YBARATDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 13-nji maýy

№ 38 (10480)

ÇARŞENBE



## SANLY ULGAM ARKALY IŞ MASLAHATY

**11-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, welaýatyň ekerançylyk meýdanlaryndaky möwsümleýin işlerde, hususan-da, gowaça we bugdaýa ideg işlerinde agrotehniki kadalaryň berjaý edilmeginiň, galla oragy möwsümine talabalaýyk taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi we häkime degişli tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda dowam edýän oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli, guramaçylykly geçirilmeginiň, bu işlerde kuwwatly oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanmagyň, galla oragy möwsümine guramaçylykly taýýarlyk görmegiň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda häkime degişli tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk ekinlerine, hususan-da, pagta, bugdaý ýaly aýratyn ünsi talap edýän ekinlere ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly geçirilmeginiň, galla oragy möwsümine taýýarlyk görmegiň zerurdygyny belledi we häkime birnäçe tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin işleriň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we oba hojalyk ekinlerine ideg işleriniň ylmy taýdan esaslandyrylan kadalara laýyklykda geçirilmegini, bugdaý oragy möwsümine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi häkime tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda bellenilen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny aýdyp, bu ugurda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda, hususan-da, gowaça we bugdaý ekilen meýdanlarda dowam edýän möwsümleýin işleriň ýokary hilli, guramaçylykly geçirilmeginiň, bu ugurda oba hojalyk tehnikalarynyň netijeli işledilmeginiň, galla oragy möwsümine guramaçylykly taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi hem-de häkime degişli tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewe söz berildi. Wise-premýer hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň hemaýat-goldawlary, döredýän giň mümkinçilikleri netijesinde şu ýylyň 9—10-njy maýynda Özbegistanyň Daşkent şäherinde «Gündogaryň merjeni» ady bilen geçirilen atly sport we gözellik bäsleşiklerinde ýurdumyzyň atşynaslarynyň behişdi ahalteke bedewleri bilen üstünlikli çykyş edip, ýeňiji bolmaklary mynasybetli döwlet Baştutanymyzy tüýs ýürekden gutlap, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Soňra wise-premýer ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuna ünsi çekdi we gowaça hem-de bugdaý ekilen meýdanlarda alnyp barylýan ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, galla oragy möwsümine guramaçylykly taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ähmiýetini ýene-de bir gezek belledi we pile öndürmek, dowarlardan owlak-guzy, düýelerden köşek almak möwsümini guramaçylykly geçirmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## ÝURDUMYZYŇ SEBITLERINDE BEÝIK IŞLER

***Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Balkan welaýatyna iş sapary tamamlandy***

9-njy maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny tamamlap, paýtagtymyza ugramak üçin Türkmenbaşy şäheriniň Halkara howa menziline geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Türkmenbaşy şäheriniň Halkara howa menzilinde welaýatyň sungat ussatlarynyň çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Hoş owazly aýdym-sazlarda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ajaýyp zähmet üstünlikleri, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amala aşyrýan giň möçberli işleri öz beýanyny tapdy.

Bu ýerde Ministrler Kabinetiniň agzalary, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylary hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna iş saparynyň üstünliklere beslenmegi hem-de täze «Gadamly» gury ýük gämisiniň ulanmaga berilmegi mynasybetli döwlet Baştutanymyzy we Gahryman Arkadagymyzy tüýs ýürekden gutladylar.

Döwlet Baştutanymyz hemmelere alyp barýan jogapkärli işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden paýtagtymyza tarap ugrady. Biraz wagtdan hormatly Prezidentimiziň uçary Aşgabadyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz mähirli garşylanyldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Balkan welaýatyna amala aşyran iş sapary ýurdumyzyň sebitlerini durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek boýunça döwletimiz tarapyndan ägirt uly işleriň durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy. Hormatly Prezidentimiziň saparynyň dowamynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisiniň ilkinji halkara ýüzüşine ak pata bermegi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

11-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Premýer-ministriniň ýanyndaky Syýasy meseleler boýunça konsultatiw komitetiň başlygy Tan Şri Mohd Hassan Marikany, «PETRONAS» kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy we baş ýerine ýetiriji direktory Tan Şri Tengku Muhammad Taufigi, «PETRONAS» kompaniýasynyň Baş önümçilik direktory, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, gözleg we agtaryş, özleşdirme we çykaryş bölümçesiniň baş ýerine ýetiriji direktory Mohd Jukris bin Abdul Wahaby kabul etdi.

Myhmanlar duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Malaýziýada Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini nygtadylar hem-de ýurdumyzda iş alyp barmagyň «PETRONAS» kompaniýasy üçin uly hormatdygyny bellediler. Dostlukly ýurduň Premýer-ministriniň ýanyndaky Syýasy meseleler boýunça konsultatiw komitetiň başlygy pursatdan peýdalanyp, Malaýziýanyň Ýokary Baştutany Soltan Ibrahimiň we Premýer-ministri Anwar Ibrahimiň hormatly Prezidentimize iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz myhmanlary mähirli mübärekläp, Malaýziýanyň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şu saparyň Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky gatnaşyklary giňeltmekde uly ähmiýetini belledi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz myhmanlaryň saparyň dowamynda geçirjek duşuşyklarynyň we gepleşikleriniň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitlemekde, anyk çäreleri durmuşa geçirmekde möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi.

Myhmanlar «PETRONAS» kompaniýasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlyga 30 ýylyň dolmagy mynasybetli hormatly Prezidentimizi tüýs ýürekden gutladylar. Olar malaý-türkmen gatnaşyklarynyň netijeli häsiýetini belläp, ýurdumyzyň baý uglewodorod serişdelerini bütin adamzadyň bähbidine gönükdirýändigini aýtdylar we mümkinçilikden peýdalanyp, «PETRONAS» kompaniýasynyň öz üstüne alan hyzmatdaşlyk borçnamalaryna mundan beýläk-de ygrarly boljakdygyna ynandyrdylar.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Malaýziýanyň wekilleri birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, netijeli hyzmatdaşlygyň iki ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

## ÖSÜŞIŇ WE ÖZGERTMELERIŇ RÖWŞEN ÝOLY

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly syýasaty netijesinde ýurdumyz öz ösüşiniň ýokary depginlerini saklaýar, jemi içerki önümiň öndürilişi yzygiderli artýar, halkyň durmuş derejesi has-da ýokarlanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiz barha pugtalanýar, önümler öndürilýär, sanly ulgam ösdürilýär. Munuň özi ýurdumyzda öndürilýän önümleriň dünýä ülňülerine laýyk gelýändigini, ähli ugurlar bilen bir hatarda elektron enjamlaryň, kompýuterleriň we beýleki döwrebap önümleriň ýokary hilli öndürilýändigini beýan edýär.**

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetini has-da ösdürmekde we täze önümleri döwrebap ýola goýmakda bilimli hünärmenleriň yhlasly zähmetine ýokary baha berilýär. Bu babatda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ylma esaslanan işler ýola goýlup, kämil hünärmenleriň taýýarlanmagyna uly ähmiýet berilýär. Ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgamy öwretmek, talyplaryň dünýä dillerini bilmeklerini gazanmak ýaly ugurlara aýratyn üns berilýär. Ylmyň, tehnologiýalaryň ösdürilmegi, ýaşlara berilýän bilimiň hilini we derejesini ýokarlandyrmak, şol sanda sanly ulgamyň ähli ugurlarynda iş alyp barmaga ukyply ýaşlary ýetişdirmek döwrümiziň talaby bolup durýar. Çünki geljekde hut bilimli, giň dünýägaraýyşly hünärmenleriň yhlasly zähmeti esasynda döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly täze ösüşler gazanylyp, belent sepgitlere ýetiler. Munuň özi ýurdumyzyň täze önümçiliklerini döretmek boýunça hem giň mümkinçilikdir.

3




# AHALTEKE BEDEWLERI — HALKYMYZYŇ MILLI BUÝSANJY

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dag eteleriniň ähli ajaýyplygyny özünde jemleýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna bardy. Häzirki wagtda toplumda düýpli döwrebaplaşdyrmak işleri batly depginde dowam edýär. Onuň çäklerinde ýerine ýetirilýän işleriň häzirki zaman talaplaryna, ýokary halkara görkezijilere laýyk gelmegi ugrunda edilýän tagallalar öz oňyn netijesini berýär.**

Gahryman Arkadagymyz ir bilen Köpetdagyň etegindäki ajaýyp künjekde ýerleşýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna geldi. Bu ýerde toplumda alnyp barylýan döwrebaplaşdyryş işleriniň derejesi we gurluşyklaryň depgini barada giňişleýin maglumat berildi.

Milli Liderimiz, ilki bilen, toplumyň merkezi girelgesinde oturdylan bedew heýkelini, girelgäniň aýmançalarynyň bezeg aýratynlyklaryny we toplumyň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşyny synlady. «Bu ýerde alnyp barylýan işler künjegiň tebigy aýratynlyklary bilen utgaşykly ýerine ýetirilmelidir, bezeg işlerinde reňkleriň sazlaşygyna, gurluşyk we bezeg serişdeleriniň hil derejesine aýratyn üns berilmelidir» diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we bu babatda öz maslahatlaryny berdi.

Milli Liderimize topluma gelýän ýoly döwrebaplaşdyrmak, onuň ugrunda ýol belgilerini, degişli şekilleri ýerleşdirmek, onuň yşyklandyryş ulgamynyň aýratynlyklary, ýol gurluşygynyň häzirki zaman usullary barada maglumatlar berildi. Bellenilişi ýaly, ýoluň gurluşygy on gatlakdan ybarat bolup, olarda ulanylýan serişdeler hil derejesi, berkligi babatda ýokary halkara görkezijilere doly laýyk gelýär. Şeýle hem ýoluň gurluşygynyň şu görnüşdäki serişdeleriniň sebitde ilkinji gezek ulanylýandygy aýdylyp, bu usulyň ýoluň berkligine bolşy ýaly, onuň gyralarynda ýagyn suwlaryny bir ýere toplamak, degişli ugra gönükdirmek ýaly mümkinçilikleri hem üpjün edýändigi nygtaldy. Munuň özi häzirki zaman ýol gurluşygynda döwrebap tejribedir.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gurbanguly Berdimuhamedow ýoluň germewleriniň, ýol belgileriniň we yşyklandyryş ulgamynyň döwrebap bolmalydygyna ünsi çekdi. Bu ýerde alnyp barylýan işler tassyklanan meýilnama laýyklykda batly depginde dowam etdirilmelidir. Gurluşyklaryň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi, olaryň kesgitlenen möhletde tamamlanmagy möhüm wezipe hökmünde kesgitlenendir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toplumyň çäginde oturdyljak monitorlary, binalaryň aýnalaryny synlap, olara birnäçe belliklerini aýtdy. Binalaryň içki bezeginde bolşy ýaly, olaryň daşky görnüşlerinde, toplumyň çäginde goýulýan serişdeleriň aýratynlyklarynda-da bir bitewi sazlaşyk döredilmelidir. Toplumyň çäginiň ýylyň ähli paslynda gök öwsüp durmagy ugrunda zerur tagallalar edilmelidir. Gahryman Arkadagymyz bu babatda maslahatlaryny berip, toplumyň çapuw meýdançasynyň tomaşaçylar üçin niýetlenen münberine bardy. Bu ýerde at çapyşyklaryna tomaşa edýänler üçin zerur şertleriň döredilmegine toplumlaýyn esasda çemeleşilýär. Aýratyn-da, münberiň belent mertebeli myhmanlar üçin niýetlenen otagynda döredilýän mümkinçilikler häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidir. Milli Liderimiz münberiň ähli ýerinden at çapyşyklaryny doly derejede synlamak babatda zerur şertleriň üpjün edilmelidigini, oturgyçlaryň amatlylyk derejesiniň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidigini belläp, munuň atçylyk sporty bilen gyzyklanýan adamlar üçin döredilýän şertleriň esasy ugurlarynyň biri bolmalydygyna ünsi çekdi.

Bu ýerde Gahryman Arkadagymyza çapuw ýollaryna türkmen sährasynyň çägesiniň düşelýändigi, onuň ýörite garyndylar bilen utgaşygynyň atyň toýnaklary üçin ýakymlydygy, bu örtügiň uzak möhletleýin häsiýete eýedigi we bu usulyň atşynaslyk pudagynda işjeň ulanylýandygy barada habar berildi. Milli Liderimiz ahalteke bedewleriniň gadymy mekany bolan türkmen topragynyň her bir künjeginiň, howasynyň, suw we toprak serişdeleriniň atlar üçin ýaramlydygyny, muny uzak ýyllaryň tejribesiniň görkezýändigini aýdyp, türkmen tebigatynda bedewler üçin zerur bolan ähli amatlyklaryň bardygyna ünsi çekdi we bu babatda degerli maslahatlaryny berdi.

Soňra toplumyň açyk manežiniň gurluş aýratynlyklary, bu ýerde atlaryň gözellik bäsleşiklerini guramak üçin döredilen mümkinçilikler görkezildi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýurdumyzda atçylyk we atly sport boýunça giň möçberli halkara çäreleriň, bäsleşikleriň yzygiderli geçirilýändigini nygtap, bu ýerde gözellik bäsleşigine gatnaşýan atlary synlamak we olara baha bermek üçin mümkinçilikleriň ýokary derejesiniň üpjün edilmelidigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz toplumyň otaglarynyň içki bezeg işlerine ünsi çekip, otaglarda ýerleşdirilýän şekilleriň görnüşleriniň onuň ähmiýetine laýyk derejede bolmalydygyny belledi. Şunda milli ýörelgeler bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylmalydyr. Şeýle-de binalaryň we otaglaryň içiniň bezeg işleri ýerine ýetirilende reňk sazlaşygyna aýratyn üns berilmelidir.

Milli Liderimiziň maslahatlaryndan ugur alnyp, manežiň gyra germewlerine maýyşgak serişdeler ornaşdyrylýar. Munuň özi çylşyrymly hereketleri ýerine ýetirýän atlaryň toýnagyna, injiklerine zeper ýetmeginiň öňüni alýan döwrebap usuldyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toý-baýramlaryň bezegine öwrülen ahalteke bedewleriniň halkymyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýändigini, hünärine yhlasly seýisleriň tagallasy bilen dünýäde deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriniň ösdürilip ýetişdirilendigini belledi. «Häzirki döwürde dünýäniň dürli ýurtlarynda ahalteke bedewlerini saklaýan we ösdürip ýetişdirýän jemgyýetleriň, merkezleriň sany az däl. Ýöne iň arassa ganly bedewler ahalteke atlarynyň asyl mekany bolan türkmen topragynda bar» diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi. Şunuň bilen baglylykda, bedewleri saklamak, seýislemek, atly sportuň dürli görnüşlerini ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler häzirki zaman talaplaryna we umumy ykrar edilen kadalara laýyk gelmelidir. Milli Liderimiz bu babatda degişli ýolbaşçylara öz maslahatlaryny berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz bu ýerde gurluşyk we bezeg işleri boýunça häzirki zamanyň ösen tejribesiniň, ylmyň soňky gazananlarynyň işjeň ulanylýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowa bu ýerde ulanylýan tejribeleri özleşdirmek babatda birnäçe maslahatlary berdi. Bu bolsa Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işleriň döwrüň talabyna, dünýäniň ösen tejribesine laýyklykda dowam etdirilmeginde ähmiýetlidir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hemmelere kesgitlenen wezipeleri abraý bilen ýerine ýetirmekde uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

**«Mugallymlar gazeti».**

# «AGRO PACK TURKMENISTAN — 2026»: TÄZEÇIL USULLAR, NETIJELI ÇÖZGÜTLER








Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň her bir güni täze üstünliklere, bedew batly ösüşlere, taryhy wakalara we uly dabaralara beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty barha berkidilip, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda döwrebap özgertmeler yzygiderli amala aşyrylýar. Şeýle şanly wakalaryň, ajaýyp pursatlaryň dabaralanýan günlerinde, has takygy, şu ýylyň 12-nji maýynda paýtagtymyz Aşgabat şäherindäki Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Agro Pack Turkmenistan — 2026» atly halkara serginiň dabaraly açylyşy boldy. Dünýäniň ösen döwletleriniň wekillerini, öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalarynyň hünärmenlerini, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryny, türkmen işewürlerini bir ýere jemlän bu halkara sergi ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň oba hojalyk pudagyndaky gazananlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýene bir ýola äşgär etdi. Şol bir wagtyň özünde, bu halkara çäre döwletimiziň telekeçilik ulgamyny täze belentliklere çykarmakda, dünýäniň iň döwrebap tehnologiýalaryny milli önümçilige ornaşdyrmakda, şeýle hem ýurdumyzyň eksport kuwwatyny artdyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Garaşsyz Watanymyzyň ykdysady ösüşiniň täze belentliklerini beýan edýän «Agro Pack Turkmenistan — 2026» atly halkara sergide häzirki zaman ylmynyň we innowasiýasynyň iň soňky gazananlaryny aýdyň görmek bolýar. Sergide, esasan hem, oba hojalyk pudagyna niýetlenen, ýokary hilli önümleri öndürýän we gaýtadan işleýän döwrebap innowasion tehnologiýalar, tehnikalar, şeýle hem ýyladyşhana, suw tygşytlaýjy ulgamlar bilen birlikde, ekin meýdanlarynyň çyglylygyny awtomatik usulda dolandyrýan sanly çözgütler, enjamlar, dürli serişdeler, şonuň bilen bir hatarda, ekologik taýdan arassa biologik dökünleriň dürli görnüşleri, topragyň hasyllylygyny artdyrýan, ösümlikleriň daşky gurşawa garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýan tebigy birleşmeler, peýdaly maddalar giňden görkezilipdir. Umuman, giň möçberli sergide milli ykdysadyýetimiziň pudaklaýyn kuwwatyny aýdyň görkezýän kämil oba hojalyk toplumlary, durnukly ösüşi üpjün edýän innowasion täzeçillikler hem-de ekologiýa taýdan arassa önümçilik nusgalary jemlenendir. Halkara sergä gatnaşýan daşary ýurtly hünärmenler Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň dürli ugurlary boýunça gazanýan üstünliklerine ýokary baha berip, olar türkmen işewürleri we ýurdumyzyň hususy pudagynyň wekilleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýärler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işler Garaşsyz Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, döwletimiziň halkara giňişligindäki abraý-mertebesini has-da berkitmäge, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaýyn düzümini döwrebaplaşdyrmaga, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga we ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilýär. Ýurdumyzyň oba hojalygynda we azyk senagatynda gazanylýan üstünlikler, bedew batly ösüşler bolsa milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen ösmegini, şeýle hem halkymyzyň abadan we bolelin ýaşamagyny üpjün edýär. Şeýle beýik işleri beýan edýän halkara sergä gatnaşyjylaryň ýürek buýsançlaryny bolsa okyjylar bilen paýlaşmagy makul bildik.



**Maýsa MYRADOWA,**
**«Ak säher» hususy kärhanasynyň hünärmeni:**

— «Agro Pack Turkmenistan — 2026» halkara sergisinde kärhanamyzyň öndürýän önümlerine dünýäniň dürli künjeklerinden gelen hünärmenleriň uly gyzyklanma bildirmegi biziň üçin uly buýsançdyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda geçirilýän her bir şeýle halkara çäreler bizi täze üstünliklere ruhlandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek üçin döredýän şeýle döwrebap şertleri biziň dünýä bazarynda öz mynasyp ornumyzy tapmagymyza mümkinçilik berýär. Biz — türkmen telekeçileri bu mümkinçiliklerden peýdalanyp, geljekde hem eziz Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak ugrunda yhlasly zähmet çekeris.



**Hoite SHAAP,**
**«Firma Schaap» kompaniýasynyň baş dolandyryjysy:**

— «Agro Pack Turkmenistan — 2026» halkara sergisine gatnaşmagymyz biziň üçin uly ähmiýete eýedir. Biz Niderlandlar Patyşalygynyň maldarçylyk pudagynda 1880-nji ýyldan bäri toplap gelen baý tejribesini türkmen hyzmatdaşlarymyz bilen paýlaşmaga hemişe taýýardyrys. Aşgabatda döredilen işewürlik gurşawy we serginiň ýokary derejesi bizde uly täsir galdyrdy. «Firma Schaap» kompaniýasy 1880-nji ýyldan bäri dünýä bazarynda maldarçylyk ugrundan ýöriteleşip, ýokary hilli tohum mallary, esasan hem, dowarlaryň we iri şahly mallaryň täze nesillerini köpeltmegiň innowasion usullaryny, döwrebap tärlerini hödürlemek bilen, bu ugruň kämil tejribelerini ýakyndan tanyşdyrmagy maksat edinýär. Biziň kompaniýamyz türkmen telekeçileri bilen uzak möhletleýin we özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmaga uly gyzyklanma bildirýär. Bu halkara çäresiniň biziň geljekki hyzmatdaşlygymyzyň berk binýadyny goýmak bilen, täze işewürlik taslamalaryna uly badalga berjekdigine, dostlukly gatnaşyklarymyzyň has-da giň gerim aljakdygyna berk ynanýarys.



**Burhan ZIÝAÝEW,**
**«International Paper» LLC kompaniýasynyň maliýe direktory:**

— Goňşy we doganlyk Özbegistan Respublikasynyň wekilleri hökmünde Aşgabatda geçirilýän «Agro Pack Turkmenistan — 2026» halkara sergisine gatnaşýandygymyza örän şatdyrys. Biziň kompaniýamyz kagyz we gaplama önümçiligi boýunça sebitde öňdebaryjy orunlary eýeläp, türkmen bazary bilen hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýär. Serginiň dowamynda tanyşdyrylýan innowasion çözgütler we döwrebap önümçilik mümkinçilikleri bizde uly täsir galdyrdy. Munuň özi täze tejribeleri toplamakda, özara pikir alyşmakda we häzirki döwrüň döwrebap önümçilik tehnologiýalary bilen has-da ýakyndan tanyşmakda aýratyn ähmiýete eýedir. Biz öz önümlerimizi dünýä bazaryna hödürlemek bilen, özara bähbitli täze ykdysady gatnaşyklary ýola goýmagy maksat edinýäris. Goňşy halklaryň arasyndaky ykdysady we söwda hyzmatdaşlygynyň has-da pugtalanmagynda şeýle halkara çäreleriň ähmiýeti örän uludyr. Doganlyk ýurt Türkmenistanda bize bildirilen uly hormat-sylag we myhmansöýerlik üçin köp sagbolsun aýdýarys.

**Sanjar ATAÝEW,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# DOST-DOGANLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

*Daşkentde «Gündogaryň merjeni» ady bilen atly sport we gözellik bäsleşikleri hem-de halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi*

**«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şygarynyň many-mazmunyny giňden dabaralandyrmak, Watanymyzyň okgunly ösüşiniň nyşany hasaplanýan ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny has-da belende götermek maksady bilen, ýurdumyzda we daşary döwletlerde iri çäreler geçirilýär. Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde «Gündogaryň merjeni» ady bilen guralan atly sport we gözellik bäsleşikleri, «Ahalteke bedewi — halklaryň dostlugynyň nyşany» atly halkara ylmy-amaly maslahat hem munuň aýdyň mysalydyr.**




8-nji maýda Daşkent şäherindäki «Yangi Toshkent Conference Hall» merkezinde «Ahalteke bedewi — halklaryň dostlugynyň nyşany» atly halkara maslahat geçirildi. Merkeziň eýwanynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyna, amaly-haşam sungatyna degişli gymmatlyklaryň sergisi ýaýbaňlandyryldy. Ahalteke bedewi ähli döwürde hem döredijilik adamlary üçin ylham çeşmesi bolup hyzmat edipdir. Häzirki döwürde ahalteke atlarynyň gözelligi zergärçilik, heýkeltaraşlyk we beýleki sungat eserlerinde möhüm orny eýeleýär. Halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylar bu gymmatlyklary uly gyzyklanma bilen synladylar.

Daşkent şäherinde Türkmenistanyň we Özbegistanyň döwlet atçylyk we sirk sungaty edaralarynyň, ugurdaş okuw, ylmy-barlag edaralarynyň ýolbaşçylarynyň özara duşuşyklary geçirildi. Olaryň barşynda dostlukly ýurduň wekilleri Daşkent şäherinde geçirilýän halkara ähmiýetli çärelere gatnaşmak üçin ýurdumyzyň giň wekilçilikli toparyny kabul edýändiklerine örän şatdygyny nygtadylar.

Duşuşyklara gatnaşyjylar Türkmenistanyň we Özbegistanyň halklarynyň mizemez dostlugynyň nyşanyna öwrülen ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmekde tejribeleri alyşmagyň, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdiler. Şunuň bilen baglylykda, degişli ugurda bilelikdäki çäreleriň geljek ýyllarda hem yzygiderli häsiýete eýe boljakdygyna ynam bildirildi.

9 — 10-njy maýda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent welaýatynda «Gündogaryň merjeni» ady bilen atly sport we gözellik bäsleşigi geçirildi. Saýlama ahalteke atlarynyň gatnaşmagy olaryň ähmiýetini has-da artdyrdy. Iki günläp dowam eden bäsleşikleriň birinji gününde at çapyşyklary guraldy. Atly sportuň ýkylym derejesindäki möhüm halkara çäresini synlamaga köp ýurtlardan atçylyk pudagynyň işgärleri, Türkmenistanyň we Özbegistanyň medeniýet we sungat ussatlary ýygnandylar.

Uly şatlyk-şowhun bilen ýeňiji bolan çapyksuwarlara we seýislere kuboklar, Hormat hatlary, gymmat bahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. «Uzbegim otlari» atçylyk hojalygyna degişli bedewiň seýsi H.Hamitow we çapyksuwary Z.Kulmatow Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyny — döwrebap ýeňil awtoulagyň açaryny we kubogy hem-de hoşallyk duýgusy bilen kabul etdiler.

Ajaýyp ýeňşi bilen behişdi türkmen bedewleriniň şöhratyny dowamata ataran Dowamat atly bedewiň ezber çapyksuwaryna we seýsine Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň baýragy — döwrebap ýeňil awtoulagyň açary, kuboklar, Hormat hatlary gowşuryldy. Ezber çapyksuwar P.Orazow we Türkmenistanyň halk atşynasy K.Agamyradow halkara baýragy uly şatlyk bilen kabul etdiler.

Özbegistan Respublikasynda «Gündogaryň merjeni» atly halkara bäsleşigiň çäklerinde ahalteke atlarynyň gözellik boýunça dünýä çempionaty geçirildi. Oňa Türkmenistandan, Özbegistandan, Täjigistandan, Russiýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan ahalteke atlary gatnaşdyryldy. 22-nji gezek geçirilen ahalteke atlarynyň gözellik bäsleşigi dünýäde atçylyk däplerini ösdürmekde, bedewleriň şöhratyny artdyrmakda, olary ösdürip ýetişdirmek boýunça toplanan halkara tejribeleri kämilleşdirmekde uly ähmiýete eýe boldy.

Halkara gözellik bäsleşigi iki, üç, dört, altyýaşar we şondan uly atlaryň we gysraklaryň, birýaşar taýlaryň arasynda aýratynlykda geçirildi. Soňra syn ediş meýdançasyna ahalteke atlarynyň iň naýbaşy nesil ugruny esaslandyran meşhur bedewleriň neslinden bolan, biri-birinden owadan bedewler ýaş derejesi boýunça toparlaýyn çykaryldy.

...Eminleriň biragyzdan gelen çözgüdi esasynda Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň Meledag diýen aty ikiýaşar atlaryň arasynda geçirilen gözellik bäsleşiginde dünýäniň çempiony hökmünde yglan edildi. Ýeňiji bolan türkmen bedewine uly ruhubelentlik bilen «Dünýäniň çempiony» we «Gündogaryň merjeni» diýen ýeňiş ýapynjasy ýapyldy. Gadymygala we Fartuna diýen atlaryň neslinden bolan, meşhur Fakirpälwanyň ugruna degişli Meledagyň seýsi R.Dowadowa gözellik bäsleşiginiň çempionynyň kubogy, Hormat haty, gymmat bahaly sowgat dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Ikiýaşar atlaryň arasynda geçirilen gözellik bäsleşiginde Özbegistandan Manoli-Hon, Täjigistandan gatnaşan Raýd atly bedewler ýeňiji bolmagy başardy. Üçýaşar atlaryň arasyndaky gözellik bäsleşiginde Özbegistandan Zamin-Hon diýen bedew ýeňiji bolmagy başardy. Baýrakly ikinji orna bolsa Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyna degişli Güneş diýen at, üçünji orna bolsa Özbegistandan Murod-Hon diýen at mynasyp boldy.

Dörtýaşar atlaryň arasynda geçirilen bäsleşikde B.Ibodullaýewiň hojalygyna degişli Melikuş-Hon atly bedew ýeňiji bolmagy başardy. Ikinji baýrakly orna A.Muhamedowyň hojalygyna degişli Sanat-Hon atly bedew mynasyp boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Sahabatly diýen bedewi bolsa baýrakly üçünji orundan paýly boldy.



Alty we şondan uly ýaşar atlaryň gözellik bäsleşiginde Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Aýgytly diýen bedewi «Dünýäniň çempiony» diýen ada eýe boldy. Munuň özi ahalteke atlarynyň halkara gözellik bäsleşiginde ýurdumyzyň behişdi bedewleriniň mynasyp bolan sylaglarynyň üstüni ýetirdi. Dabaraly ýagdaýda Aýgytly atly bedewe «Gündogaryň merjeni» we «Dünýäniň çempiony» diýen ýeňiş ýapynjasy ýapyldy. Ariý we Altynbaş diýen atlaryň nesli bolan bu bedew meşhur Skakyň ugruna degişlidir. Onuň seýsi Türkmenistanyň halk atşynasy Kakamyrat Agamyradowdyr. Bu bäsleşikde ikinji orna Özbegistandan Dias-Hon, üçünji baýrakly orna bolsa Gurman atly bedewler mynasyp boldy.

Eminleriň biragyzdan gelen netijesine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Aýgytly diýen bedewi «Gündogaryň merjeni» atly dünýä çempionatynyň absolýut ýeňijisi diýlip yglan edildi. Şeýlelikde, Aýgytly Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň baş baýragyna mynasyp boldy we onuň seýsine ýeňil awtoulagyň açary, kubok we Hormat haty gowşuryldy.

Gysraklaryň arasynda geçirilen gözellik bäsleşiginiň absolýut çempiony diýen ada Özbegistandan Farida bedew mynasyp boldy. Bedewiň seýsine Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragy — döwrebap ýeňil awtoulagyň açary, kubok we Hormat haty gowşuryldy.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÖSÜŞIŇ WE ÖZGERTMELERIŇ RÖWŞEN ÝOLY

Bu babatda döwrebap şertleriň döredilýändigini hem bellemek gerek. Bu bolsa önde goýlan wezipeleriň ylym-bilimi we önümçiligi utgaşdyryp barmak arkaly çözülýändigini beýan edýär.

Täze özgertmeler, täze desgalar ylma, bilime hyjuwly zehinli ýaşlary ruhlandyrýar, olara tebigy baýlyklarymyzy özleşdirmekde döredijilikli işlemäge giň ýol açýar. Milli ylym-bilim we innowasion tehnologiýalar esasynda döwrebap işleri alyp barmak ykdysadyýetimizi ösdürmegiň iň ygtybarly girewi bolup durýar. Nesip bolsa, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösdürilmegi üçin kämil bilimli hünärmenler giň gerimli işleri alyp bararlar, bu belent maksatlar geljekde-de netijeli ösdüriler. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň toýlanýan ýylynda ýurdumyzda belent üstünlikler gazanylýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze «Gadamly» gury ýük gämisi guruldy we ýüzüşe goýberildi. Munuň özi ýurdumyzyň hünärmenleriniň ägirt uly işleri alyp barýandygyny, ulag-logistikanyň, senagatyň ösüşine goşant goşýandyklaryny beýan edýär. Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaş hünärmenleriň kämilleşmegi we işleri ylmy esasda alyp barmaklary, iň kämil wezipeleri durmuşa geçirmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa işleriň sazlaşykly ýola goýulmagyny şertlendirýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň milli ykdysadyýeti yzygider ösdürilýär. Şonuň netijesinde ykdysadyýete möhüm bolan ugurlar, pudaklar döwrebap enjamlaşdyrylýar, önümçilik desgalary gurulýar. Bu beýik işleriň dowamly bolmagy üçin bolsa geljekde belent maksatlary goýmak, onuň amal edilmegi üçin anyk işleri alyp barmak göz öňünde tutulýar. Hut şu nukdaýnazardan, döwrebap işler ýola goýulýar, öňde goýulýan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň ösüşleri üpjün etmek bilen bir hatarda, döwrebap ugurlary kemala getirmäge, işleriň oýlanyşykly alnyp barylmagyna hem mümkinçilik döredýär.

**Döwletgeldi ÇARWAÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# GEOGRAFIÝA SAPAKLARYNDA EKOLOGIÝA TERBIÝESINIŇ ÄHMIÝETI

Orta mekdeplerde geografiýa sapaklarynda okuwçylara diňe dünýäniň gurluşyny öwretmek bilen çäklenmän, ösüp gelýän ýaş nesilde ene topraga söýgini, tebigata bolan aýawly garaýşy kemala getirýäris. Geografiýa sapaklarynda okuwçylara geografik koordinatlary öwretmek bilen birlikde, nakyla öwrülen pähimler arkaly okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmaklaryny örän ähmiýetlidir.

Geografiýa sapaklaryny käwagt gezelenç görnüşinde guramak okuwçylaryň bu derse bolan gyzyklanmasyny has-da artdyrýar. 8-nji synpyň okuwçylary bilen Amyderýanyň kenaryna gezelenç sapagyny guradyk. Bu gezelenç sapagynda



tebigaty we durmuş gymmatlyklaryny hem giňişleýin düşündirýäris.

Okuwçylaryň ünsüni sapaga çekip biljek, olary gyzyklandyrjak, işjeňlige höweslendirjek usullary gözläp tapmak mugallymdan işine döredijilikli çemeleşmegi, hünär ussatlygyny talap edýär. Şonuň üçin mugallym, ilkinji nobatda, sapagyň mazmunyna, onuň okuwça ýetirilişine, okuw işiniň guramaçylygyna üns berip, okuwçylara bu ders boýunça alýan düşünjeleriniň olaryň gözýetimlerini giňeltjekdigini, şol maglumatlaryň gündelik durmuşda hem gerek bolýandygyny düşündirmeli.

Sapakda häzirki zaman tehnologiýalary arkaly slaýd şekillerinden peýdalanmak okuwçylarda bu derse bolan gyzyklanmany has-da artdyrýar. Şol slaýd şekillerinde derse degişli tarp we boz ýerler, daglar, derýalar, köller, çeşmeler, sähralar, tokaýlar, baglar, täze binalar, topraklaryň dürli görnüşleri, ýazuw çeşmeleri barada gyzykly hem täsirli maglumatlary görkezmek bolýar. Täze maglumatlary özleşdirmekde, geçilen temany berkitmekde multimedia tagtasynda prezentasiýalardan, wideoşekillerden peýdalanmak okuwçylar derýa boýlarynda ösýän buýan, gamyş, torañňy, igde ýaly ösümlikleri öz gözleri bilen görüp, olaryň tebigatdaky ähmiýetini öwrendiler. Olar ösümlikleriň dermanlyk häsiýetleri barada giňişleýin düşünje aldylar. Derýanyň kenaryndaky bu täsirli pursatlar okuwçylaryň kalbynda ene topraga we onuň ajaýyp ösümlik dünýäsine bolan söýgüsini has-da berkidip, olary tebigatymyzy aýawly saklamaga ruhlandyrdy. Okuwçylarymyza gezelenç sapaklarynyň üsti bilen tebigatyň ajaýyp görnüşini synlamagy, deňiz-derýalaryň hoş owazyny diňlemegi, ösümlikleriň diline düşünmegi öwredýäris.

Tebigaty söýýän ynsan Watanyny hem çäksiz söýýändir. Türkmen topragynyň tebigy baýlyklaryny gorap saklamak we olaryň peýdasy barada geljekki nesillere ýetirmek biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Oguljeren ILMYRADOWA,**
**Garabekewül etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# BAKY BAGTYÝARLYGYŇ ŞUGLASY

**Bagtyýar halkymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda gazanylýan üstünliklere türs ýürekden buýsanyp, beýik ösüşlere öz goşantlaryny goşýarlar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent özgertmeler rowaçlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde halk bähbitli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.**

Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde taryhy sahypalara mynasyp beýik ösüşler gazanylýar. Ynha, ýakynda hem ýurdumyzyň Mary, Lebap we Balkan welaýatlarynda taryhy wakalaryň bolandygyny aýratyn belläsimiz gelýär. Ýakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşdy. Bu şanly waka ähli ildeşlerimizde uly buýsanç döretdi. Ýurdumyzda gurluşyk senagatynyň täze mümkinçilikleri, gämi gurluşygynyň ösdürilýän derejesi belent üstünlikden nyşandyr.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň syýasy we ykdysady ulgamynda netijeli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi bilen bedew batly okgunly ösüş üpjün edilýär. Türkmenistan döwletimiziň amala aşyrýan parahatçylyk, hoşniýetlilik we dörediji syýasatynyň özeninde durmuş-ykdysady taýdan ählumumy durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilenligini beýik işleri we gazanylan uly ösüşleri bilen döwrüň özi subut edýär. Bir söz bilen aýdylanda, bu geçilen menzil türkmen döwleti üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan syýasatyň durmuşa geçirilmeginiň ýolunda diňe bir ýurduň ösüşi üçin däl, eýsem, sebitiň we alys döwletleriň bähbidine netijeli täsir edýän möhüm tapgyr boldy. Ýurdumyzda ulag-logistikasynyň ösdürilmegi hem muny aýdyň beýan edýär. Çünki ulag-logistikasynyň halklaryň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, ýurdumyzda öndürilen önümleriň dünýä bazarlaryna çykarylmagynda aýratyn ähmiýeti bardyr. Şundan hem görnüşi ýaly, ýollar ösüşi üpjün edýär, belent üstünliklere ýetirýär. Elbetde, bu durmuşa geçirilýän işleriň eziz Watanymyzyň ykdysady ösüşine kuwwatly itergi berýändigine göz ýetireniňde, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-parasata ýugrulan döredijilikli başlangyçlaryna buýsanjyň artýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýagty ertirlerimiziň, parlak geljegimiziň şugla saçjakdygyna berk ynanýarys. Çünki hormatly Prezidentimiziň taglymaty bolan «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» sygary her bir ildeşimiziň ýüreginde orun aldy. Halk bilen döwletiň bitewüligi, jebisligi bolsa, diňe üstünliklere, rowaçlyklara eltýändir. Bu beýik üstünlige, rowaçlyklara buýsanyp, eziz Watanymyzyň waspyny ýetirmek, wagyz-nesihat etmek baky bagtyýarlykdyr.

**Aýlar ATAKULYÝEWA,**
**Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.**

## WATAN

Eziz ýurdum, eý, mukaddes topragym,
Tämiz howaň dolup dursun kükrege,
Seň goýnuňda mydam bagtym tapanym,
Garaşsyz ýurt, baky Bitarap Watan!

Garaşsyzlyk — dünýä dolan şöhratyň,
Bitaraplyk — belent maksat-myradyň,
Zamana ajaýyp, artýar kuwwatyň,
Garaşsyz ýurt, baky Bitarap Watan!

Berkarar döwletde iller bagtyýar,
Her güni toý-baýram, aýdym bilen saz,
Jeýhundan Hazara baky bahar-ýaz,
Garaşsyz ýurt, baky Bitarap Watan!

Bedew bady bilen döwür galkynýar,
Bagtly ýolda öňe barýar halkymyz,
Ösüş-özgerişler döwrüň ýalkymy,
Garaşsyz ýurt, baky Bitarap Watan!

Şöhratlydyr pederleriň taryhy,
Şygyr bilen beýan edýän tarypyň,
Dost-doganlar üçin açykdyr gapyň,
Garaşsyz ýurt, baky Bitarap Watan!

**Öwezgeldi SEÝITNYÝAZOW,**
**Türkmenbaşy etrabyndaky 13-nji şahamça mekdebiniň mugallymy.**

## EZIZ DIÝAR

Kalbymda Jeýhun deý möwjeýär söýgi,
Watan yşky gursagyma sygmaýar.
Men şatlygym älem içre paýladym,
Ylham joşy damarymda gaýnaýar.

Hüwdüler säheriň şapagyn böwsüp,
Bu sährada ajap güller ýaraşýar.
Gülli sährañ jadylaýjy ysyna,
Bu ne gudrat, ýadawlygym gowşaýar.

Duýgularym gözellige garylyp,
Göze sürtýän ak säheriň terligin.
Maňa mundan artyk hiç zat gerek däl,
Dynçlyk nury gyrpman dursa kirpigin.

Ak damjalar gök asmanyň yşky deý,
Owaz bolup kakýar köňül taryma.
Watan, düzleriňde erkin ýaýnaýyp,
Ýüz müň şükür, il içinde baryma.

Ýene topragymy togap eýledim,
Şu hal ýürek gözýaşlarym gizleýär.

Didaryňdan mejnun bolup ýörün men,
Ynan, Watan, başga zady bilmeýän,



## GARAŞSYZLYK

Garaşsyzlyk şu Watandyr,
Bu türkmeniň çüwen bagty.
Söýgä, mähre eýlenendir,
Säherleriň köňül tagty.

Kalbymda ýok gaýgy, ünji,
Pespälligi göwne bezeg.




Şükür, her gün pederleriň
Arzuwlary dünýä gezer.

Arşda tugy, kalpda ynam,
Bu Watanyň synmaz erki.
Şirin hüwdi, mähir siňen,
Dünýä içre şudur berki.

Bu mähriban adamlaryň
Şatlygyndan alarsyň güýç.
Bilýäňmi dost, bu Watanyň
Sen mährinden ganmarsyň hiç.

Çünki munda jennet düşlän,
Täze güne uzar ýollar.
Her pursatda göz dokunýar,
Toý lybasly sagy-sollar.

Garaşsyzlyk şöhrat-şany,
Bile kuwwat, golda güýji.
Bu gadymy eziz ýurtda
Bagtdan galkýar oguz ili.

**Hudaýguly GOÇOW,**
**Kerki etrabyndaky 25-nji orta mekdebiň mugallymy.**



## IŇ GOWY SOWGAT

**Çaga üçin iň gowy sowgat kitapdyr. Ata-ene üçin iň gowy sowgat perzentleriniň sowatly, bilimli, terbiýeli bolup ýetişmegidir. Beýle ýagdaýa biziň her birimiz sebäp bolup bileris. Çünki çagalarymyzyň doglan günlerine, baýramçylyk senelerine kitap sowgat etmegi endik edineliň.**

Hawa, ata-enelerimiziň ýaşlykda bize kitaby sesli okap bermekleriniň özümiziň durmuşda mynasyp ornumyzy tapmagymyza, şahsyýet bolup kemala gelmegimize belli bir derejede ýardam berendigini ýatdan çykarmalyň. Öz çagalarymyzda heniz kiçilikden kitap okamaga islegi we söýgini döredip bileris. Bu, elbetde, belli bir derejede ata-enelere bagly ýagdaýdyr. Çaganyň halaýan kitaplaryny gaýta-gaýta okap beriň. Çagalar, köplenç, şol bir wakany gaýtadan diňlemegi halaýarlar. Ýatdan öwrenýärler. Biz hojalyk işlerine güýmenip ýören wagtlarymyzda hem kitapdaky jümleleri çagalarymyz bilen söhbetdeşlik görnüşinde gurap bileris. Goý, çaga sizden soňra jümleleri gaýtalasyn. Hakyky okyjyny kemala getirmekde çagada kitap okamak höwesini terbiýelemekden wajyp zat ýokdur. Çaganyň her bir dogry sözi we pikiri üçin onuň höweslendirilmegi gerek. Şeýle ýagdaýda çaga özünde jogapkärçiligi duýup başlaýar. Çagalar bilen kitapdaky okalanlar boýunça keşplere girip gürleşiň. Çagaňyzdan hem şony talap ediň. Şonda çaganyň döredijiligi artar.

Bu pursatdan çaganyň täsirlenmegini gazanyp bilseňiz, elbetde, bu siziň üstünligiňizdir. Bilimli, sowatly, terbiýeli nesli ýetişdirmek şu günümiziň möhüm talaplarynyň biridir. Şeýle nesli ýetişdirmekde bolsa, ata-eneleriň, mugallymlaryň ilkinji kömekçileri kitapdyr.

Çagalar, siz özüňize sowgat berlen kitaplary aýap saklaň! Olar üçin özüňizde kitap tekjelerini drediň! Gündelik hem olardan belli-belli sahypalary okamagy endik edinip, ýadygärlik ýazgylaryny döredip bilersiňiz. Bu size ýyllar boýunça nämeleri öwrenendigiňizi ýatladyp biler.

**Gulşan OWEZOWA,**
**Türkmenabat şäherindäki 57-nji çagalar bakjabagynyň müdiri.**

## NESIL TERBIÝESI — ASYLLY ÝÖRELGE



**Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynyň «Terbiýäniň özeni ylym-bilimdir» bölüminde şeýle belleýär: «Biz — ene-atalar, mugallymlar, terbiýeçiler perzentleriň edep we tälim-terbiýesini kämilleşdirmek arkaly olara durmuşyň täze gözýetimlerini, üstünlige eltýän gapylaryny açyp bermäge, geljege mynasyp taýýarlamaga, ugrukdyrmaga borçludyrys. Şu wagtdan perzentleriň aňyna sepilen tälim terbiýe tohumlary, kalplaryna oturdylan hormat-sylag nahallary aýny wagtynda hasyl berip başlar. Bizde näçe perzent bar bolsa, şonça-da üsti açylmaly hazyna bardyr».**

Gahryman Arkadagymyzyň bu pähim-paýhasy nesillere bilim berýän biz — mugallymlar üçin has-da jogapkärlidir. Men indi kyrk ýyldan gowrak wagt bäri mekdepde başlangyç synp mugallymy bolup işleýärin. Uzak ýyllaryň dowamynda mugallymçylyk kärimde işläp, ýaş nesilleriň Watanyň geljegidigine, heniz üsti açylmadyk hazynadygyna aýdyň göz ýetirdim. Şol hazynany açmak, çagany dogry ýola — ylym-bilim ýoluna ugrukdyrmak möhüm wezipe, uly borçdur. Üsti açylmadyk hazynada kän zat bar. Ol kämilleşmeli, ylym-bilim almaly. Hazynadaky baýlyk — nesilleriň aň-düşünjesi, sowatlylygy, gözýetimi. Çagalaryň kalby päk arzuwlardan doly. Onuň akyl hazynasyny il-halka, ýurda haýyrly işlere gönükdirmeli. «Çaga eziz, edebi ondanam eziz», «Çagany — ýaşdan, edebi — başdan» ýaly nakyllar hem nesil terbiýesinde edep-ekramyň, görüm-göreldäniň uly orun tutýandygyny aýdyň beýan edýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmek, nesillere döwrebap ylym-bilim bermek ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. Orta mekdeplerde çagalara başlangyç synplarda bilim öwretmek, edep-ekram kadalaryny düşündirmek babatda ähli şertler bar.

Biz — mugallymlar Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuňňur pähim-paýhasly kitaplarynda öňe sürülýän gymmatly pikirleri ýaş nesillere yzygiderli öwredýäris we ýaşlaryň akyl hazynasyny baýlaşdyrýarys. Watansöýüjilik duýgusy nesilleriň kalbynda hoşniýetli pikirleri ösdürýär, olaryň dünýägaraýşyny giňeldýär.

**Ýaňyljan ALLAMOWA,**
**Şabat etrabyndaky 31-nji orta mekdebiň mugallymy.**



## SANLY ULGAMYŇ ÜSTÜNLIKLERI

**Ata Watanymyzda ösüp kemala gelýän ýaş nesle dünýä derejesinde bilim-terbiýe bermekde sanly bilim ulgamyna möhüm orun degişlidir. Jemgyýetimiziň umumadamzat gymmatlyklary esasynda ösmegi, ýaşlaryň kämil bilim almagy üçin döwrebap şertleriň döredilmegi täze mümkinçilikleri ýüze çykarýar. Munuň bolsa eziz Diýarymyzyň ähli babatdaky ösüşlerine özüniň mynasyp goşandyny goşýan, dünýä ylmynyň gazananlaryndan habarly, döwrebap tehnologiýalardan oňat baş çykarýan bilimli nesliň kemala gelmeginde möhüm ähmiýeti bardyr.**

Ylmyň we tehnologiýalaryň yzygiderli kämilleşmegi ähli ugurlardaky özgerişleriň esasy hereketlendiriji güýjüne öwrülip, ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýeňilleşdirýär, dürli gurşawlarda täze mümkinçilikleri döredýär. Sanly ulgamyň has-da ösdürilýän döwründe islendik ýurduň ykdysady ösüşi, ähli pudaklaryň öňe ilerlemegi maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary bilen baglanyşykly täzeçil taslamalaryň durmuşa geçirilmegine esaslanýar. Ýurdumyzda bu ugra örän uly ähmiýet berlip, milli ykdysadyýetiň pudaklaryny sanlylaşdyrmak boýunça geljegi uly taslamalar durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ösüşi üçin gerek bolan döwrebap düzümler döredilýär. Internet toruna elýeterliligiň ýokarlanmagy we maddy-enjamlaýyn binýadyň kämilleşdirilmegi sanly taslamalary durmuşa geçirmegiň başlangyç şertidir. Ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklaryna we raýatlaryň durmuşyna maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Bu ugurda ökde hünärmenleri taýýarlamak işine-de uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda maglumat we telekommunikasiýa ulgamyny, tehnologiýanyň tejribelerini öwrenmäge ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdeplerinde türkmen ýaşlaryna berilýän bilimiň hiliniň ýokarlanmagy, talyplaryň döwrebap taslama işlerini durmuşa geçirmekleri munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Altyn GURBANDURDYÝEWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

## SAGDYNLYK WE RUHUBELENTLIK

**Häzirki wagtda ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipelere laýyklykda, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berjaý edilmegine, bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegine, lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary hililigine möhüm ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, adamlaryň saglygyny goramak, ýaş nesliň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek, raýatlaryň rahat dynç almaklary üçin giň şertlerdir mümkinçilikleri döretmek boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Bularyň ählisi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasatda ileri tutulýan wezipeler bolup durýar. Bu syýasatyň özeni adam hakyndaky aladadan gözbaş alýar.**

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan sagdyn durmuş ýörelgesi häzirki ajaýyp döwrümizde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda mynasyp dowam edýär. Şunda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, sagdyn iýmitlenmek asylly ýörelgelere öwrüldi.

Häzirki wagtda ýaşlar sagdyn durmuş ýörelgelerine uly üns berýärler, bu babatda döwrebap mümkinçiliklere eýe bolýarlar. Sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmekde, has takygy saglygy goramagyň ygtybarly serişdesi sportdur. Sport bilen meşgullanmak, welosipedli gezelenç etmek dynç almagyň bir görnüşidir. Bu, ilkinji nobatda, geljegimiz bolan ýaş nesilleriň beden taýdan sagdyn bolmagyna ýardam edýär.

**Jemal EMINOWA,**
**Indira Gandi adyndaky Aşgabat lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.**

ABUNA — 2026

## HORMATLY OKYJYLAR!

**«Mugallymlar gazeti» gazetiniň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz. Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.**



XXI ASYR BILIM, ÝLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

*BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.*



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4 833001 500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118652

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.